# Hakykat çyndanam o taýda bir ýerdemi…

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Hakykat çyndanam o taýda bir ýerdemi… HAKYKAT ÇYNDANAM O TAÝDA BIR ÝERDEMI: GAPBARÇANAKLARY GURŞAP ALAN GIZLINLIK HAKDA GÜRLEŞMEK GEREK




*Ýer togalagyndan başga ýerde ýaşaýşyň barlygy boýunça soňky geçen kongres jogapdan köp soraglaryň döremegine sebäp boldy.*
*Gije gök ýüzünde uçýan çanaklar hakda gep-gürrüňler onlarça ýyl bäri bar* ***(Unsplash)***

Mundan on dokuz ýyla golaý wagt öň ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatynyň kenarlarynda öýländen soň amerikan piloty Dewid Frawor öňki ynanýan zatlaryny üýtgedip taşlajak bir zat gördi. Ol «F/A-18 Hornet» eskadriliýasy bilen okuw-türgenleşik işini geçirip ýörkä, asmanyň ýüzünde öň görüp-eşitmedik zadynyň bardygyny bildi. Ol öz sürüp barýan uçarynyň ululygynda, emma biziň bilýän fiziki kanunlarymyza ters biçüwde hereket edip bilýän, «Tic Tak» şekeriniň şeklindäki birtüýsli jisimdi. Käbirleriniň göz açyp-ýumasy salymlykda 24 müň metrden 6 müň metre çenli aşak inendigi aýdylýardy we Frawod Frawor

ýakynlaşdygysaýy jisimlerden çalt gözden ýitipdi. Pilot birnäçe ýyl geçenden soň beren interwýusynda «ömrümde gören iň çakgan hereketli närsedi» diýdi.




*Dewid Frawor*

Obýektleri anyklan ýeke Frawor däldi. Onuň toparyndan başga bir sürüji «Tic Tac»-laryň birini wideoýazgy etdi. Bu wideoýazgy amerikan hökümetiniň bäş ýyllyk gizlin maksatnamasynyň üns berýän ugruna we 26-njy iýulda geçirilen kongresde takyklap bolmaýan uçýan jisimler (gapbarçanaklar) boýunça ýygnagyň jedelli temasyna öwrüldi.

ABŞ-ly kanun çykaryjy Robert Garsiýa komitetiň aşakky düzüminiň ýygnanşygynyň açylyş sözünde «Takyklap bolmaýan adaty däl hadysalara degişli köp sanly habara aýan edilýän we düşündirmeli hakyky soraglar, derňew we gözegçilik gerek» diýdi.

Ine, biz şonuň üçinem häzir şu ýerde.

Gapbarçanaklardan ýa-da amerikan hökümetiniň aýdyşy ýaly UAP-lardan (kesgitläp bolmaýan howa fenomenleri) gürrüň etmegimiz gerek. Onlarça ýyllap gök ýüzünde aýlanyp ýören syrly gämiler hakdaky hekaýatlar ylmy-fantastiki edebiýatyň ýa-da ABŞ-nyň günorta-günbataryndaky çölde «51-nji raýon» ady berilen syrly harby bazada nämeleriň bolup geçendigi bilesigeliji, eksantrik adamlaryň gyzyklanýan ugrudy.

Şeýle-de bolsa, soňky ýyllarda ýokary düzümli ygtyýarlylardan düýpli soraglar gelmäge başlady. Pentagon 2007-nji ýyldan 2012-nji ýyla çenli şeýle gapbarçanaklary öwrenmek üçin 22 million dollarlyk gizlin maksatnama ýöretdi. ABŞ-nyň öňki prezidenti Barak Obama hem Ak Tamdan çykyp gaýdandan soň gök ýüzündäki syrly jisimleriň aýlanyp ýörrndigi hakda subutnamalaryň bardygyny boýun alypdy. Obama iki ýyl öň «Nähili hereket edýändiklerini, nirede düşleýändiklerini düşündirip bilemzok» diýipdi.




Geçen aý geçirilen kongresiň aşakky komitetiniň ýygnanşygy «Gizlin bukjanyň» («The X-Files:) çeper personažy Foks

Malderiñ içini ýylatdy. Arasynda Fraworyñam bolan öñki amerikan ofiserleri depe saçyñy düýrükdirip biljek zatlary aýtdylar.
Bularyñ arasynda amerikan hökümetiniñ gapbarçanaklara eýelik edýän we bulary gizlin saklaýan, gizlinlik bilen maliýeleşdiren maksatnamalaryñ gapbarçanaklary gizlin saklamak tabşyrylan, dünýäden daşarky tehnologiýany gizlemek we tersine inženerçilik işlerinde adamlaryñ zyýan görýän ýa-da şikes alýan we heläkçilik zonalaryndan «adama meñzemeýän» pilot galyndylarynyñ çykarylýandygy ýaly ýalan beýanat bermek jezasyna degişli çaklamalar bardy.
Şu babatda öñki amerikan kontrrazwedkaçysy Dewid Gruşdan hökümetiñ kosmosly ýaşaýyş formalary bilen aragatnaşygy ýola goýup-goýmanlygy soraldy. Gruş özüne geñ galyjykly nazar bilen äñedýän kanun çykaryjylaryñ içinde «Bu gürrüñ halk köpçüligine açyk şertlerde orta atyljak gürrüñ däl» diýdi.
Gruşyñ aýan eden zatlaryna jogap edip, NASA-dyr Goranmak ministrligi dünýäden daşarky ýaşaýyş baradaky subutnamalaryñ bardygyny ýa-da olaryñ tehnologiýalarynyñ ýaşyrylýandygy hakdaky gep-gürrüñleri ret etdi. Emma maglumatlary «gizlin» ýarlygyny goýmakda has öte geçmek ýa-da ygtyýarlylara makul inkär edip boljak mümkinçiligi üpjün etmek üçin kontrrazwedkany böleklere bölmekde göz öñüne tutulanyñ doly tersibe täsirde bolan gyşarmalara eýe amerikan hökümetine ynam etmek kyn. Her haýsy bolanda-da, halka mälim edilen sözlerem howatyrlandyrmak üçin ýeterlikdi.
Aşakky komitetde başga wagt biri-birine gyr duşman bolan demokratlar we respublikanlar açyk sözlüligi sebäpli karýeralarynda zyýan çeken şaýatlaryñ aýannamalaryndan we çynlakaýlyklaryndan deñ derejede täsirlenene meñzeýärdi.
Aleksandriýa Okasio-Kortes jemgyýetçilige hasap berijilikli düzgünlere tabyn däl gizlin ýörite pudaklary ýöredýänleriñ işi hakda kyn soraglary berdi.
Okasio-Kortes şaýatlara «Meniñ ýerimde bolsañyz, nirä serederdiñiz?» diýip sorady.




*Aleksandriýa Okasio-Kortes*
Gije ýarymdan soň uçýan syrly obýektler hakdaky gep-gürrüňler onlarça ýyldan bäri dowam edip gelýär. Emma soňky aýdylanlara welin, hökman üns bermek gerek. Şaýatlaram, kanun çykaryjylaram syrly jisimleriň aýan edilmegine garşy gadagançylygyň «aklyndan azaşypdyr» aýyplamasyna duçar bolmakdan gorkýan pilotlaryň üstüne howp-hatar abanmagyna we basyş edilmegine sebäp bolýandygyny biragyzdan öňe sürýär. Eger pilotlaryň biri adaty däl bir zady görüp, muny aýdandygy üçin karýerasyna atanak çekiljek bolsa, dymanyny gowy görýär.
Kanun çykaryjy Garsiýa «Raýat we harby pilotlara gapbarçanaklar hakda aýdyp biljek ynamly we aç-açan şertleri döretmeli» diýdi.
Howp-hatarlaryň potensialy hakykat.
Ýygnanşykdaky şaýatlaryň hemmesi gören ýa-da öwrenen hadysalarynyň adamzat üçin howp döredip biljegini aýdýardylar. Kanun çykaryjylaryň biriniň gabatlaşylan käbir jisimleriň kontrrazwedka maglumatlaryny toplaýan enjamlar bolup biljekdigi hakdaky pikirini goldadylar. Şaýatlaryň garşy çykmasy kyn düşjek potensial «ekzistensial» howpa yşarat edýändigini aýtdylar.
Frawor 2004-nji ýyldaky «Tic-Tac» ýakyndan gabatlaşmasy barada «Gabatlaşan tehnologiýamyz biziň henize çenli ýeten hemme zadymyzdan kän öňdedi» diýdi.
ABŞ-nyň Harby-Howa Güýçleriniň ofiseri Gruş komplimasiýaçy telbeden has beter harby pähimdara çalym edýär. Gruş

Owganystandaky söweşlere gatnaşdy, has soňra Pentagonyň gapbarçanaklar boýunça taýýarlan aýratyn maksatnamasynda işlemäge başlady. Az wagtyň içinde hiç kime ynanmazlygy öwrendi. Iýun aýynda aýannamalaryny jemgyýetçilige mälim etmezden öň aklawjy tutundy we ýörite janpena berilmegini talap etdi. Harby edaralaryndaky kärdeşleriniň jemgyýetçilige aýan etmek islän zatlary üçin beýlekileriň başyna gelen gorkunç netijeleriň gaýtalanyp biljekdigi hakda duýdurylandygyny aýtdy.
Kanun çykaryjylar gizlin maglumatlaryň jedelini etmek üçin howpsuzlandyrylan otaga girmegiň harby ygtyýarlylar tarapyndan gadagan edilendigini, aşakky komitetiň gurulmagy we iň esasanam şeýle ýygnanşygyň geçirilmegine-de berk garşy çykylandygyny öňe sürdi. Wekil Tim Berçett «Her ädilen ädim çetin göreşdi» diýdi.




*Tim Berçett*
Kanun çykaryjylar 26-njy iýulyň aşakky komitetiň geçirjek köp sanly ýygnanşygynyň başlangyjy boljakdygyny öňe sürdüler. Şeýle ýygnanyşyklaryň älemde diňe bizde ýaşaýyş barmy ýa ýokmy soragynyň syryny çözüp-çözmejekligi heniz belli däl. Emma, belki-de, bu ýygnanyşyklar amerikan hökümetini älem hem-de ýer ýüzi boýunça meselelerde çäklendirýän gereksiz gizlinlik diwarlaryny ýykyp biler.

Borzu DARAGAHI,

pars žurnalisti / @borzou

Çarşenbe, 09.08.2023 ý. Geň-taňsy wakalar